# Jokonda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Jokonda JOKONDA

Leonardo da Winçiniñ meşhur eseriniñ
şanyna.

Şaññyrdap töre geç pereñ gözeli,
Seýliñem mübärek, aýagyñ düşsün!
Gelin gelýän ýaly tolgunýar millet,
Her kim ýüzne syljak ýüzüñi açsañ.

Samolýotdan düşürýärler gujaklap,
Gujakdan düşmänem ugraýar ýola.
(Bir söý bilen bagty çüwen dul gelin ~
Zemin ýüzün jümşülledip barýa-la!)

Muzeýiñ törûne gonýar ak guş dek
Uzyn nobatlara berilýär buýruk.
«On sekund…
On sekund, ýatdan çykarmañ,
Pereñi dilbere hemmeler şärik».

Sekundlar başlaýar öz hasabyna:
Bir, iki, üç… Ynha, soñky san.
«Hakyña kaýyl bol, ugra haw indi,
Beýdip durma, diñe sen däl, adam kän»
Az diýýäñmi?

Birinji sekund:
– Müdimilik täjini,
Öz aýañda götersеñ,
Beýikleriñ bagynda
Birje pursat otursañ ~
Eýsem bu azmy?

Ikinji sekund:

– Asyllyga goşulyp,
Çyndan paýyňy alsaň,
Ähli ownuk zatlardan
Bir gez belende galsaň ~
Eýsem bu azmy?

Onunjy sekund:
– Beýnä myh dek urulsa,
Ol mizemez sadalyk.
Içi gat-gat pidullar
Bir dem dursa sabalyp ~
Eýsem bu azmy?..

Yzy görünenok giden hataryň,
Güwleýär, hyň berýär bilet kassasy.
Güýzüň sarymeňiz ýapragna meňzäp,
Otyr mele gelin az-kem gussaly.

On sekund…
On sekund ~ az görmäň ony,
Alyň, Asyllykdan paýyňyz alyň.
Beýikligiň huzurynda kiçelmäň,
Beýikligiň huzurynda beýgeliň!

Baýram JÜTDIÝEW. Goşgular